# Garamuhammet beg

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Garamuhammet beg GARAGOÝUNLY DÖWLETINIÑ SOLTANY




▶ GARAMUHAMMET BEG
Garamuhammet (Gara Mämmet) beg, Garagoýunly türkmen döwletiniñ 1380-1389-nji ýyllarda soltanlyk süren hökümdary.
Doly ady Nasyreddin Garamuhammet Durmuş begdir. Garagoýunly

dinastiýasynyň we döwletiniň düýbüni tutujy Baýram Hojanyň doganynyň dört oglundan biri bolup, agasynyň 1380-nji ýylda aradan çykmagy bilen Garagoýunly tagtyna geçýär.
1387-nji ýylda Töwrizi ilkinji gezek eýelänem bolsa, şäheri Teýmirleň basyp alýar.
1389-njy ýylda Pirhasan beg bilen özara dörän dawa sebäpli, jeň meýdanynda wepat bolan Garamuhammet begiň dört oglundan biri bolan Gara Ýusup beg Garagoýunly döwletiniň tagtyna çykýar.

- **Garamuhammet begiň döwri**

Baýram Hojanyň aradan çykmagy bilen onuň doganynyň ogly Garamuhammet tagta geçýär. Garamuhammet beg Jelaýyrylara garşy söweşýär we olary ýeňýär. 1383-nji ýylda hajylary talandygy üçin Mosulyň emiri Salimiň üstüne ýöriş edýär. Yzy bilenem 1384-nji ýylda Mardini gabaw astyna alýar. 1386-njy ýylda Teýmirleň Günbatar Eýrany öz häkimiýetine birikdireninden soňra Anadola ýüzüni öwürýär. Teýmirleň Akgoýunlylara we Garagoýunlylara boýun egmek barada hat ugradýar. Emma Garagoýunlylar oňa boýun egmezlik kararyna gelýärler. Gündogar Beýazidi (häzirki Türkiýäniň Dogubeýazit diýen ýeri) eýeläp özlerine tarap gaýdan Teýmirleňiň goşunyna garşy Garamuhammet beg we onuň inisi Pirhasan beg üstünlikli ýeňiş gazanýarlar. Daglara çekilip partizançylykly taktika bilen söweşen Pirhasan beg Muşuň eteginde Teýmirleňiň uly goşun birligini derbi-dagyn edýär. Şol wagtam Teýmirleň Altyn Ordanyň hany Togtamyşa garşy söweşmek üçin uruşy bes etmeli bolýar we yza çekilýär.
1387-nji ýylda Garagoýunlylar Töwrizi Jelaýyrylaryň elinden alýar. Şol wagt Pirhasan bilen Garamuhammediň arasynda oňuşmazlyk döreýär we Garamuhammet beg öldürilýär.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Taryhy şahslar